**Türkmenistanyň Statistika**
**baradaky döwlet komitetiniň**
**2024-nji ýylyň 23-nji fewralyndaky**
**№ 17-Ö buýrugy bilen tassyklanyldy**

**№ 1 - hususylaşdyrma «Döwlet emläginiň hususylaşdyrylmagynyň we döwletiň garamagyndan aýrylmagynyň netijeleri barada jemleýji hasabat» (aýlyk) döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça**
**GOLLANMA**

№ 1-hususylaşdyrma «Döwlet emläginiň hususylaşdyrylmagynyň we döwletiň garamagyndan aýrylmagynyň netijeleri barada jemleýji hasabat» formasy boýunça Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi tarapyndan hususylaşdyrmagyň we hasabat ýylynyň başyndan artýan jemi bilen doldurylýar.

Hasabat bäş bölümden we iki goşundydan ybarat.

1-nji (hususylaşdyrylmagyň başyndan bäri) we 3-nji (ýylyň başyndan bäri) bölümlerde tutuş Türkmenistan boýunça, şol sanda Aşgabat, Arkadag şäherleriniň hem-de welaýatlar boýunça ykdysady işleriniň görnüşleriniň bölünşiginde, hususylaşdyrylan we döwletiň garamagyndan aýrylan kärhanalaryň hem-de obýektleriň (birlikler) sany görkezilýär.

1-nji sütünde hususylaşdyrylan we döwletiň garamagyndan aýrylan obýektleriň umumy sany görkezilýär. 1-nji sütün 2, 3, 4, 5, 6, 7 we 8-nji sütünleriň jemine deň.

9-njy sütünde daşary ýurt maýa goýumlarynyň gatnaşmagy bilen üýtgedilen kärhanalaryň sany görkezilýär. 9-njy sütün boýunça maglumatlar hemişe 8-nji sütündäki maglumatlardan az.

10-njy sütünde hususylaşdyrma ýa-da özgerdilme pursatynda özbaşdak balansda duran kärhanalaryň (ýuridiki şahslar) sany görkezilýär.

01-nji setirdäki maglumatlar degişli sütünler boýunça 02-14-nji setirlerdäki maglumatlaryň jemine deňdir.

Aşgabat şäheri (15-nji setir), Arkadag şäheri boýunça (29-njy setir) hem-de welaýatlar boýunça (43, 57, 71, 85 we 99) jemleýji setirler Türkmenistan boýunça jemlenişi ýaly her sebitiň içinde degişli sütünler we setirler boýunça arabaglanyşykly bolmalydyrlar.

2-nji we 4-nji bölümlerde hususylaşdyrmakdan gelýän serişdeler, degişli döwür üçin manatda görkezilýär.

2-nji we 4-nji bölümler boýunça gymmatlyk görkezijileri ABŞ-nyň dollarynyň manada bolan hümmetiniň tapawudynyň indekslerini ulanmak bilen hasabat döwrüne deňeşdirip boljak bahalarda görkezilýär.

1-nji sütün boýunça "Satuw bahasy" artýan jem bilen hasabatyň döwürligine (hususylaşdyrmagyň başyndan ýa-da hasabat ýylynyň başyndan bäri) baglylykda hususylaşdyrylan obýektleriň gymmaty, hyzmatlary aýyrmak bilen 3 bölünşiginde görkezilýär:

- hususylaşdyrmagyň obýektleri;
- ykdysady işleriniň görnüşleri;
- çäk.

Şunlukda, 01, 08 we 22-nji setirler boýunça maglumatlar birmeňzeş bolmalydyrlar.

Şeýle hem 2-nji sütün boýunça döwlet býujetine hususylaşdyrmadan gelen serişdeleriň jemi görkezilýär.

Hasabat senesine manatda tölegiň möhletlere bölmegi we möhleti geçen berginiň barlygynyň berilmegi boýunça, hususylaşdyrylan kärhanalaryň, (obýektleriň) sany görkezilýär.

5-nji bölümde (ýylyň başyndan) tutuş Türkmenistan we çäk bölünişiginde döwlet kärhanalaryny açyk görnüşli paýdarlar jemgyýetlerine, ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýetlerine we hojalyk jemgyýetlerine öwürmek baradaky maglumat, döwlet eýeçiliginde bolan paýnamalaryň %-ini görkezmek bilen, getirilýär. Şunlukda, 01-nji setirdäki maglumatlar 02-07-nji setirdäki maglumatlaryň jemine deňdir.

01-nji setirdäki 1, 2-nji sütünleriň jemi 3-nji bölümdäki 01-nji setirdäki 8-nji sütüniň maglumatlaryna deňdir. Bu deňlik çäk bölünişigindäki görkezijilere hem degişlidir.

Maglumat hökmünde paýnamalaryň döwlete degişli bukjasynyň nominal gymmaty, paýnamalaryň döwlete degişli bukjasyny satmagyň ýa-da olary kärhanalaryň dolandyrmagyň, şol sanda yzyna satyn almak hukugy bilen satmagyň usuly görkezilýär.

Hususylaşdyrylan we paýdarlaşdyrylan kärhanalar boýunça 1-nji we 2-nji goşundylar 3-nji we 4-nji bölümlere degişlilikde doldurylýar. 1-nji goşunda laýyklykda berilýän maglumatlar, kärhanalaryň satylan senesine laýyk gelmelidir.

**Ykdysadyýetiň döwlete dahylsyz bölegininiň statistikasy müdirligi**